# Anadolyly Noel baba

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Anadolyly Noel baba ANADOLYLY NOEL BABA




*Noel Baba Apostol Nikolaý*
Hristian dünýäsiniñ Noel baýramynda bütin dünýäde iýilýän ýörgünli iýmitleriñ birem hindi towugydyr.
Hindi towugy iñlis dilinde «Turkey» bolýandygy üçin onlarça ýyllap gelşiksiz heneklerиñ döremegine sebäp bolup geldi.
Hindi towugy esasanam ABŞ-da aýratyn gowy görülýän guş. Häzir ABŞ-nyñ simwoly bürgüdem bolsa, bu soñ-soñlar bolan zat. Ilkibaşda ABŞ-lylaryñ simwoly hindi towugy eken.




Benjamin Franklin häzirki ABŞ-nyñ simwoly bolan kel bürgüdi ýyrtyjy we ogry guş hasaplapdyr. Ol bular ýaly guşyñ amerikan halkynyñ alamatlandyrýan nyşan bolmaly däldigine ynanypdyr.
Franklin gyzyna ýazan hatynda halkyny siwmoly hökmünde we juda gylykly jandar hasaplaýan hindi towugy ABŞ-nyñ simwoly hasaplanýandygyny aýdýar.
Hindi towugynyñ bular ýaly ähmiýetli görülmegine diñe hristianlyk sebäp bolanok. ABŞ-lylardan öñ Täze materikde ýaşaýan maýýalaryñ üýşmeleñlerinde ulanylýan simwoliki guş hindi towugy bolupdyr.
Maýýalar hindi towugyny adamlary ýaramaz pikirden we güýçden goraýan ikoniki guş hasaplapdyr. Başgaça aýdanda, hindi towugy maýýalar üçin göz degmelere garşy güýçli guş saýylypdyr.
Maýýalaryñ b.e.öñki müñýyllyga çenli uzaýan arheologiki galyndylarynda «Çalçiuhtotolin» atly hudaýyñ hindi towugy bolandygy anyklandy.
Her Noel baýramynda gaýtalanýan täsin bir däp bar: Hindi towugyny bagyşlamak.
Aslynda bu, şolar ýalam gadymy däp däl. ABŞ-nyñ prezidentlerunden Jorj Buşyñ (ulusy) 1989-njy ýylda Noel garbanyşynda getirilen hindi towugyny bagyşlamasy bilen başlady.
Soñlugy bilen iş başyna gelen her amerikan prezidenti özlerine getiriljek hindi towugynyñ janyny bagyşlaýandygy hakda buýruk çykaryp, aýratyn däbiñ döremegine sebäp boldy.




*Apostol Nikolaý*

- **Noeliñ ata watany Anadolymy?**

Noeliñ ata watanynyñ Anadoly bolandygyna ynanylýar.
Noel baba diýip tanalýan Nikolaýyñ biziñ eýýamymyzyñ 245-nji ýyllarynda Anadolynyñ günortasyndaky Patarada ýaşandygy aýdylýar. Ýagny, Noel baba Demirgazyk polýusyndan däl-de, Anadolydandyr.
Garyp-gasarlaryñ jaýynyñ üçegine çykyp, jaýyñ tüýnüginden sowgat oklamagy, onuñ legendar şahsyýet bolmagyna getiripdir.
Nikolaýyñ bu hereketi dürli gep-gürrüñleriñ ýaýramagyna sebäp bolupdyr, çünki ol şeýdip durka ele salynyp, tussag edilipdir.
Soñra onuñ şeýtmek bilen garyp-gasarlara kömek edýändigi bilinip, boşadylypdyr.
Aradan çykansoñ Patarada heýkeli dikilen bu şahsyñ ady soñ-soñlar Apostol Nikolaý diýip ýatlanypdyr.
Häzir süñkleri Demrede ýatan Noel baba lakamly Apostol Nikolaýyñ hormatyna 6-njy dekabrdan soñ dini üýşmeleñler geçirilipdir.
Noel agajynyñ yrsgal-bereket getirýändigine ynanylypdyr we onuñam düýp köki gadymy grek medeniýete baryp uzaýar.
Bu ýerde türki halklaryñ agaja berýän ünsüni göz öñüne tutup, bu däbiñ köklerini türklere birikdirjek bolýan barlagçylaryñam pikirlerini agzaman geçmek bolmaz.



Şeýle-de, Noeliñ ýene bir simwoly bolan Merýem enäniñ öýü-de Izmirde ýerleşýär. Onuñ üsti XIX asyrda nemes ruhany zenany tarapyndan açylýar.
Hindi towugynyñ Noel medeniýetine girmegi amerikanlaryñ öz oýlap tapan däbidir. Ýokarda-da aýdyşymyz ýaly, bulam öz medeni däplerimizde hindi towugynyñ güýçli ornundan gelip çykýar.
Bu baýramçylyk bellenende, saçakda hökman bolmaly tagamlaryñ birem türk lukmasy bolupdyr, emma anadoly we türk däpleri ýerini hindi towugyna, suguna we polýus alamatlaryna beripdir.
Şeýle-de sowgat edilýän we biziñ «Atatürk çeçegi» diýilýän ösümligimiziñ gelip çykyşy-da Amerika yklymyna baryp direýär, emma käbir gatlaklaryñ muny Isa pygamberiñ doglan güni bilen baglanyşdyrmagy geñ galdyrýar.




Welhasyl, Noel hristian dünýäsiniñ mukaddes baýramydyr, emma ol amerikanlaryñ täsin däpleri bilen biraz ýoýulanam bolsa, düýp köküni Anadolydan alýar.
6-njy dekabrdan başlap bellenip başlanýan bu baýramda birnäçe türk däpleri-de bar, emma hindi towugynyñ biziñ bilen hiç bir babatda baglanyşygy ýokdur.
Munuñ bilen birlikde asyrlarboýy türk lukmasy paýlanyp gelinen Noel baýramynda bu däbiñ ýatdan çykmagy biraz gynandyrýar.
Noel baba pataralydygyna garamazdan polýuslarda ýaşap geçipdir diýilmegi-de başga bir ýalñyşlyk bolup garşymyza çykýar.
Mehmet MAZLUM ÇELIK.

@MMazlumcel
celikmehmedmazlum@gmail.com

Anna, 29.12.2023 ý. Taryhy makalalar